# Pyragy -6/ romanyñ dowamy

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 23 января, 2025
Pyragy -6/ romanyñ dowamy IKINJI BÖLÜM

1.

Säheriň ümüş-tamşynda çölden suwarymly oazise inen agyr kerwen, uly ýabyň gyrasyndaky öleňlikde ýük ýazdyrdy. Näçe günläp tulluklaryň, meşikleriň gana dönen suwy bilen ölmez-ödi mydar edinip, halys bolan adamlaryň arkasyna şemal çalypdy.
Öleňiň arassa howasyna çümüp, aýaklary ýeňlän ýolagçylar oýluklary ýaba has golaýraga ýazyp, salym geçmänkä orta saçak atdylar. Kerweniň ýaşulusy bolup gelýän Gündogdy han ýüpek donuňyň synlaryňy guşagyna gysdyryp, göm-gök bolup, ýazylyp ýatan meýdana teşnelik bilen garap, çuňňur oýa çümüp durdy. Kerwen bilen gelýän adamlar ýabyň buz ýaly suwuna heziller edinip ýuwunýardylar.
Sowuk suwa ezilen süzmeli meşikler, gurtly düwünçekler, külçeli, gowurmaly gaplar oýluklaryň üstüne üýşürildi.
Kerwenbaşy düýeleriň ýükleriniň düşürilişine göz-gulak bolup durşuna, Gündogdy hanyň atyny aýlap ýören ýigdekçä gygyrdy:
– Çerkezguly, atyň suwuna degen bolsaň geläý indi, birki agyz salym çörek iýeliň!
Gündogdy hanyň çörek ýadyna düşmeýärdi. Bu ýerden Hywa bir menzil ýol galypdy. Onuň şähere, çagalykdan çygly howa, suwuň ysyna, göklüge öwrenişen göwni bu ýerlerin ysyny alandan, ula goýberilen atlaryň seýsiniň ýüreginiň turşy ýaly turupdy. Ol Hywa topragyndan uzakda ýaşap bilmejekdigini häzir hasam duýupdy. Ol bu mähriban toprakda ömür-baky galmaga kasamam etjekdi. Emma ol howlukmady. Bu ýerler onuň üçin watandy. Watan üçin bolsa göreşmelidi. Onuň bir özi göreşip biljek däldi.
Gündogdy hanyň düşünişiçe Hywanyň önki hany Şirgazy han özbek hanlary bilen dilleşip, tekeleri bu toprakdan çykaryp taşlapdy.

Gündogdy han Şirgazy hanyň öldürilendigini, ondan bäri telim adamyň han bolandygyny eşidipdi. Ýöne häzir kimiň handygyny bilmeýärdi. Onuň bu saparky saparynyň maksady täze han bilen duşuşyp, eger şert bilenem bolsa, tekeleri öňki watana, Hywa dolamakdy. Ol ýagşy niýet bilen, hana sylag-serpaý hökmünde bir kerwen ýük alyp gelýärdi.
Gündogdy han özüniň gelen pikiriniň dogrudygyndan ýene-de bir gezek razy boldy. Ol buhar teletininden ýörite tikilen aýnagonç ädiginiň burny bilen küpürsäp ýatan topragy dörjeledi. Ondan bir gysym mäjum topragy eline alyp, burnuna ýetirip, ysgady.
Toprakdan ýazyň ysy gelýärdi. Han ençeme ýyllap ondan-oňa göçüp ýören alaňlaryň arasynda ýaşamakdan iripdi. Göçüp-gonup ýören çarwalaryň, tireleriň arasyndaky dawalar, ýomutlaryň, gazaklaryň şer isläp ýören ýygynçaklary, ýeter-ýetmezlik ony halys ýadadypdy. Onuň ili Hywa dolasy gelýärdi.
Bu Hydyr nazaryny salan toprakda galasy, ekin ekip, hasyl alyp, dönmez döwlete eýe bolasy gelýärdi. Ol içki hyýalyny daşyna çykardy.
– Hojameňli aga, bu topragy neneň gördüň?
Kerwenbaşy biş-düş aladasy bilen bolup ýörensoň, hanyň göwnündäki hyýallardan habarsyzdy şonuň üçinem onuň perdesinden gopup bilmedi.
– Hywanyň ýeridir bu ýer, nesip bolsa, erte agşam Hywada borus!
Gündogdy han kerwenbaşa kineli nazar bilen garady. Ol adamlaryň beýle parhsyzlygyna, ýüreginiň şeýle düşüşenligine öz ýanyndan gaharlandy.
Bu topraga gelip bilse, onsoň onuň etjegi içindedi. Ol bu ýerleriň ýandagynyňam dermandygyny duýupdy. Gije düýşüne girýän Hywa topragyny onuň häzir ýatyp bagryna basyberesi gelýärdi.
Salkynlyk, bol suw bilen öwrenişip başlan adamlary ýadawlyk basmarlapdy. Han «şu menzile ýetip, soň ýük ýazdyryp, ýagşy dynç alarys» diýip, tutuş kerweni indi iki gün bäri gyssap gelýärdi.
Ýadaw düýeler öleňlikdäki ýandaklyga ýaýrapdylar. Gündogdy

hanyň aty-da ýer peşäp, özüniň bardygyny duýdurýardy. Ýöne suwuny alsyn diýip, onuň kellesine iýmli halta geýdirilenokdy. Kerwendäki hyzmatkärlerem, haçan han tagamyň başyna geçerkä diýşip, tamakinçilik bilen garaşyp otyrdylar.
Hojameňli aga üç sany çaklaňja daşyň üstünde daşy garalyp giden çoýun tabakda gowurma ýylytdy. Soňra külçeleri ojagyň üstüne örülen tal çybyklaryň üstüne serdi.
— Han, tagam-a taýýar. Birki agyz iýmeseňiz öňunky açlygyňyzdyr — diýip, hanyň ýanyna baryp habar berdi.
Gündogdy han ýabyň mal-gara inip-çykyp eden güzerine baryp, howlukman ýuwundy. Soň raýşa çykyp kerwenbaşy namazyny okap bolýança garaşdy.
Tagamyň başynda gürrüň şu toprak barada gitdi. Uzak ýadawlykdan soň suwuny ýagşy çekip, kakan külçeler agzyna bal bolup degýärdi. Salkynlyk, arassa howa, göwnüňi göteriji meýdan oturanlaryň işdäsini açypdy. Olar gürrüňe känbir pitiwa bermän garbanýardylar. Çörek iýlip otyrka Gündogdy hanyň zöwwe ýerinden galmasy hemmeleri bimaza etdi. Oturanlar onuň nazarynyň dikilen ýerine garadylar, «Häk» diýip, Çerkezguly düýeleriň otlaşyp ýören böwrüne bakan ylgady. Beýleki oturanlaram ýerlerinden ördüler.
Bir süri gum keýigi güsürdäp güzere, suw içmäge inipdi. Olar öleňe inensoňlar, keýerilişip duranlarynda Gündogdy hanyň olara gözi düşüpdi.
Hojameňli aga bogdaklaryň üstündäki hyrlyny eline aldy. Emma atmaga dözmedi. Bu adamlar, olaryň garma-gürmeligi, gykylygy keýikleriň zähresini ýarara getirdi. Olar iň amatly ýeri Gündogdy hanyň tanapyna böküp duran atynyň üstünden ýol saldylar. Öňem galkyjaklap duran mes atam, tüweleý ýaly düňderilip gelýän agyr sürüden ürküp çarpaýa galdy. Süri deňine ýetende aýylganç kişňäp kellesi bilen, toýnagy bilen öňem özlerine ýer tapmaýan janawarlary basgylaşdyryp, bökýärdi.
At Çerkezguly baryp ýetmänkä baryny gyryp, ala tozan edip barýan süriniň yzndan tanapyny süýräp gitdi. Çerkezguly atyň teblemyhynyň kakan ýeriden begençli gygyrdy.
— Haý, pyçak getiriň, pyçak getiriň.

Nämäniň-nämedirine düşünmedik ýigitleriň biri pyçak alyp oňa bakan ylgady.
Gündogdy hanyň özi atynyň öňüni dolap, ony alyp gelende, Çerkezguly bilen hälki ýigit mähnet keýigi götergiläp düşelgä alyp geldiler.
Atynyň baryny gyranyna jany ýanyp duran han, beýle awa gözi düşenden birden açyldy.
— Häý, beý, diýseňizläň, säher bilen awumyz-a ganly boldy, beýleki işlerem hudaý oňuna salsyn-da — diýip, öz razylygyny bildirdi.
— Tüweleme, Göroglynyň gyraty ýaly, eýesin-ä hor etjek däl, süriniň içinden iň saýlamasyn-a alyp galypdyr — diýip, kerwenbaşam içki begenjini daşyna çykardy. — Indi, soýup-soýkalap, oglanlaryň şoruny ýatyraýlyň!
Han baş atyp razylygyny aýtdy. Ýigitleriň birkisi gapdalda öý ýaly bolup garalyp duran ýylgyna bakan gitdi. Galanlaram, keýigi soýmaga, etleri dograşdyrmaga kömekleşýärdiler.
Gün guşluga galanda öleňligi kebabyň, ýakymly çorbanyň ysy gaplapdy.
Garynlaryny ýazan düýeler düşelgäniň gapdalynda çöküşip, tegelenişip otyrdylar. Olar günbatardan öwüsýän şemala gulaklaryny ýelpedip, boýunlaryny düşelgä bakan gaýta-gaýta uzadýardylar.
Düşelgede ýazylyşyp oturan adamlaryň hiç birinden ses çykanokdy. Diňe Çerkezguly elindäki gargy taýagy gysymy bilen garyşlan bolup otyrdy.
Han atyň eýerine çekilýän galyň küpjegi ýassanyp ýatyşyna humarly dillendi.
— Arada men Etrek gapdallaryna sapar etdim. Soňda Dowlatmammet diýen bir ahunyň obasyna bardyk. El, aman, şol ýerde bir bagşy aýtdyrdylar, sesi henizem gulagymda ýaňlanyp dur. Soňda Çerkezgulyny ýanym bilen äkitmänime ökündim. Eger alyp giden bolsam, şol şirin aýdymlary öwrenerdi, onsoň, islän wagtyň diňlede otur, häk. — Han töwerege birlaý göz aýlady. Soňam hyýala batybrak gürledi. — Äý, zyýany ýok, nesip bolsa, oglanlary öýerenimde şol bagşyny ýörite çagyraryn. Onsoň, senem, Çerkezguly, bagşy boljagyň çynyň bolsa Şonuň aýdym

aýdyşyny bir gör, soň nädersiň, adyň ile ýaýylyberse…
Çerkezguly özüne hanyň üns bermegine diýseň tolgundy. Ol gürrüňiň yzyny diňlemän, elindäki gargynyň yz ujyny dodagyna ýetirdi.
Hanyň humarly başy hasam dumanlady. Onuň gözünden uçan toprak, Jeýhun derýanyň bulut çöken jeňňelleri, söwütli, jüneýitli, serwili kenarlar, jykyrly, harmanly obalar gözüniň öňüne geldi…
Ine, bir süri atly jöwzaly çölüň içi bilen barýar. Atlar halys bolupdyr, başlary telpekli, gyrmyzy donlarynyň synyny bil guşaklaryna gysdyryp, düýrme gylyjy öňlerine kese basan ýigitleriň gözünde ot ýanýar. Hanha, oljasy oňup, gaýdyp barýan atlylar.
Han dişini gyjaýar. Atlar onuň diýeninden pes hereket edýärdi. Misli ýigitleriňem gylawy alnan ýalydy. Han çydamady.
– Çal, çal çaltrak, içiňde janyň ýokmy?1
Çerkezguly dyzyna galyp çalyp başlady. Hanam dikeldi.
«Ýigitleriň biline kuwwat gelipdi. Atlar misli bürgütleriň ganatyny alan ýaly, parlap uçaýyn diýýärdiler. Ýigitler gylyçlaryny güne ýalawladyp, duşmanyň üstüne okdurylypdylar. Öňden barýan ýygynçagam kowgyny duýdy. Ýok, olar gaçmadylar. Olar söweşip öljekler, emma oljalaryny berjek däller. Ara barha ýakynlaýardy. Gylyçlar syryldy…
Misli bir eziz görýän käsesi elinden gaçyp çym-pytrak bolan dek, han erbet tisgindi.
– Häk, bejerdiň-ow! Humarym-a aldyň bolsa-da. Çal täzeden, eliňde baryny edip çal…
Çerkezguly saza täzeden başlady. Gargy tüýdügiň sesi tutuş öleňe ýaýraýardy. Bu üýtgeşik mukamy guş-gumrularam, çöpler-çörlerem hezil edinip diňleýän ýalydy. Dünýä irkilipdi. Hanam misli ukuda ýaly meýmireýärdi. Ýok, ol meýmiränokdy. Ol söweşe çykypdy, özem adalat üçin gylyjyny gynyndan çykarypdy.
«Ara barha ýakynlaýardy. Hawa, ara diýseň ýakynlaýardy. Gylyçlar syrylypdy. «Ýa, alla!». «Ýa, hezreti Aly, özüň kuwwat ber!» Atlar çarpaýa galyp ýygyn garyşypdy. Kelleler şalgam kimin kesilýärdi. Jarkyldap biri-birine degýän gylyçlardan ot çykýardy».

Han ýuwaşja, emma ähli güýji bilen gygyrdy «ýigitler, gaýrat ediň, duşman başy ölümlidir, kerçäň!»
Hanyň sesini kerwenbaşydan başga eşiden bolmady. Gargy tüýdügiň jadyly sesi adamlary üwreýärdi.
Han razylyk bilen dikeldi.
– Berekella, iner ogul, ölmeseň iliň halan sazandasy borsuň. Entek maksat-myrada bir ýeteli, adyňy özüm ile ýaýaryn seniň…
Bu söz tüýdükçiden beter kerwenbaşa täsir etdi. Ol bu sazyň hana ýaranyna düşündi. Şonuň üçin göçgünli gürledi:
– Biziň Çerkezgulymyz bir tabyrak bardyr, han. Men-ä şu sazlary diňläp-diňläp, ýigdelen ýalak bolaýýan.
Han kerwenbaşynyň göwnüni götermäge çemlendi.
– Hawa, hawa, tüweleme, Çerkezgulynyň çalan sazlary bir gözi gyzyl gyza degýä. Asyl, ýüregiň ýukarak bolsa dag-a, nirdesiň obam, nirdesiň öýüm-ilim diýip eňibermelem etjek. Ýöne meniň diýjek bolýan zadym, oglan birneme nowçarak bolýa. Nesip bolsa, ýene birki ýyldan olam tabyny alar. Sen şonda-da bir ony diňläp gör, onsoň Gündogdy han weli eken diýersiň. Döwletmämmet ahunyň obasyndaky bagşy barada aýdanymyňam jany ýok däl. Ökdeden öwrenen ussat bolarmyş. Ökdäni görmekde biz-ä aýyp zat göremizok.
Çerkezguly bu iki sany abraýly adamyň özi barada aýdýan sarpaly sözüne birhili ýygrygýardy. Öz ýanyndan utanyp, gargy tüýdügiň daşyny gataňsy aýalary bilen ýylmaşdyrýardy. Ol hanyň «Ýene-de birki heň çal, eşideli!» diýerine garaşýardy. Onuň ýüreginde ylhamyň umman ýaly ägirt bulaklary möwç urýardy. Şol ylhamy, yhlasy diňe tüýdügiň dili bilen daşary çykaryp boljakdy. Onuň şeýle bir tüýdük çalasy gelýärdi. Beýle isleg, beýle höwes onda hiç haçanam bolmandy. Ol agyr oýa giden hana, gurtlary büzmeklije halta atyp oturan kakasyna şeýle uly tamakinçilik bilen garaýardy. Emma oturanlaryň ýüki, derdi özüne ýetikdi.
– Häk, huşum gursun – diýip, Gündogdy han dikeldi. – Asyl, Etrekden gelenim bäri bir zat sorajakdyryn welin, huşuma gelmese näme – diýip, Hojameňli aga ýüzlendi. – Şol ahun diýýänimiň bir ogly Hywa medreseleriniň birinde talyp bolmaly. Men asyl, medreseleri tapmasam, onuň haýsynda türkmen bar,

haýsynda türkmen ýok, bile biljek däl. Belki, kerwenbaşy, sen bilýänsiň?

Kerwenbaşy kertik gaşlaryny dikeldip, hanyň ýüzüne ünsli garady. Ol adam barada has anygrak maglumat eşitmek isledi. Emma handan düzüwli düşündiriş bolmandan soň, göwnündäkini orta atdy.

– Hywa diýeniň uly şäher. Onda medrese-de az däl. Tüweleme, türkmeniň ýetmedik ýeri ýok. Onsoň onuň aslyny yzlap, sorag salmasaň tapyp bolmasa gerek.

Hanyň gahary geldi. Ol kerwenbaşy at oýnadýandyr öýtdi. Şonuň üçinem içi çöpli gürledi.

– Akmak asla darar, tentek töre etmäniňde-de tapsa bor weli, at tezegini guratman Hywa gatnap duransoň sala salynýa. Özi götüň içi ýaly Hywa bolsun, muny Mekge-Medinä dönderip oturmanyňda-da, onça-munçany tapyp, tanarymyzça gurbumyz bardyr.

Kerwenbaşy aljyrady. Ol hanyň içi güjükli gepinden çekindi. Ýüzünde ejizligiň, ökünjiň aýyk alamaty göründi. Sesini endiredip, öňe süründi.

– Ýoo-ok, han, göwnüňe güman gitmesin. Men bilip, senden ýaşyrýan bolsam garagymdan bolaýyn. Meniň diýjek bolýanym, sen şonuň adyny aýt, belki, baryşlykda, gelişlikde gabatlaşylandyr. Men bilmesem oglanlar habarlydyr. Bolmanda-da, özi Hywada bolsa taparys. Tapylman nirä gitsin? – diýdi.

Bu sözler durmuşyndan düýbünden närazy, ýurdundan ýangynly hanyň gazabyny köşeşdirerden ejizdi. Şeýle-de bolsa han sesini çykarmady. Ol häzir başga bir perdeden gopmak üçin jaýdar bahana gözleýärdi. Emma muny beýtmek, joşgun derýadan dür agtaran ýalydy. Ol «häziriň özünde ýola şaýlanyň!» diýmekçi boldy. Emma atly-ýaragly ýigitleri henize çenli-de gara bermänsoň, bu söze-de aýgyt edip bilmedi.

«Olarynky nämekä? Bu çaka çenli eglenip ýörmeli bor oguşýan? Mytdyldap ýol alýan kerwen bilen şunça ýol aşdyk. Emma olara ne döw çaldyka?»

Han hälki öýkesini birden unutdy. Onuň bar pikir-hyýaly kerweniň yzyndan gelmeli atlylaryna gitdi.

«Wah, özümden boldy. Hywada basyp almaly zat ýok. Ýigitleriň

daýawragyndan bäş-altysy kerwen bilen gitsin. Galanyň kerem ararak baryberiň!» diýip. Ýa, yzymda bir bolmaz iş bolaýdymyka? Ýa-da ýolda ýowa sataşaýdylarmyka?»
Ol howsalasyny daşyna çykardy.
– Bi, oglanlar eglendiler. Ýa-da…
Henizem Hywa, medreseler baradaky pikirinden aýňalyp bilmedik kerwenbaşy özbaşyna gürledi.
– Äý, han, sen hiç zadyň aladasyny etme, oglanlaram taparys, beýlekilerem, entejik Hywa bir ýeteli. Ähli işi özüm oňararyn. Sen hiç zadyň aladasyny etme.
Han manysyz ýylgyrdy. Ol kerwenbaşynyň ganyny gamçylandygyny duýdy. Kerwenbaşynyň göwnündäki howsalany, pikirindäki garma-gürmeligi duýup özünden wagtyhoş boldy. Ýöne ýigitlerini welin unudyp bilmedi.
«Şu ýer tüýs bir garaňy ýaşyraýmaly ýer-dä. Suwy bar, oty bar. Malyň-garaň ýaşyrynly boljak. Kim bilýä, depegenden daşrak bolmaly. «It ne gara görsün, ne üýrsün!»
Han şu pikirleriň arasynda ýaňky hatly gürrüňem gutarnykly çözmegi niýetine düwdi. Ol başyndaky tüýleri buýra-buýra bolup täsin seçelenip duran telpegini başyndan aldy, soňam ony misli gujagyna tokly basan ýaly edip basyp, onuň içligini howlukman çöşledi. Telpegiň içinden ak, ullakan ýaglyk çykardy. Şol ýaglygyň gatyny howlukman açdy. Onda iki eplenen hat çykaryp, gözleriniň öňünde gezdirdi.
– Şu ýerde bolmaly, şol oglanyň ady! – diýip, özbaşyna hümürdedi.
Hojameňli aga hana belli bir zat aýdyp bilmedi. Sebäbi sowat meselesinde onuňam handan gowulygy ýokdy. Şonuň üçin ýitigini gözleýän ýaly bolup daşyna delmuryp garady.
– Häý, şu oglanlaryňam baş çykarary ýokdur, şu hat, petek ugrundan – diýdi.
Han hata uzak wagtlap garady. Soňra haty emaý bilen ýaglyga dolady.
– Häk, huşum bar bol-a, ady Magtymguly bolsa gerek.
Kerwenbaşy hanyň gürrüňini diňlese-de, pikiri Hywanyň medreselerindedi. Onuň ýadyna häzir bir zat güpbe düşdi. Şonuň üçinem ýerinden turup, ogluna gygyrdy. Ony ýanyna çagyrdy.

– Seň öňki sapar tanşyp, ideşip ýören ýigdekçäň Magtymgul-a däldir-dä?
Çerkezguly oýlanman jogap berdi.
– Ýok, ol-a, Nazarly diýen ýigitdi. Ýöne şol Magtymguly diýenem ýoldaşym bar-a diýdi.
Kerwenbaşam, hanam birden diýen ýaly sowal berdi.
– Haýsy medresede ders alýa, şol oglan?
Çerkezguly birbada jogap berip bilmedi.
– Hä, oglum-eý, oglanlyk edäýýäň-ow, käte. Gowuja edip, ýeri, ýatagy bilen soramaly ekeniň-dä, duşanyňa görä – diýip ogluna gatyrgandy.
Han ýaglygy telpeginiň işligine dolap durka:
– Be, bi oglanlara ne döw çaldyka? – diýip, närazy halda hüňürdedi.
Şol wagt Jeýhun tarapdan atyny gamçylap barýan adam, bularyň goşuna garşy sowuldy. Ony gören hanam, kerwenbaşam ýerlerinden laňňa galdylar.

2.

Oraza aýy ortalap barýardy. Onuň bu ýylky sapary ýaz bilen tomsuň sepgidine düşeni üçin, adamlar ony keýpsiz garşylapdylar.
Doňuz ýyly hemişeler yrsgally ýyl bolsa-da, bu ýyl Hywanyň ekin-dikininiňem ugry ýokdy. Öten ýyllar bu wagta çenli zamça gawun, ir ýetişýän üzüm ýaly önümler bazara çykardy. Emma bu ýyl bazarda täze miwelere, önümlere gözüň düşjek gümany ýokdy. Gaýta halallyk üçin iýiň diýlip iň arzan bahadan satylýan gowrulan balygam gymmatlapdy.
Başy ak selleli, ýarawsyzlykdan, tapsyzlykdan ýüzüniň reňki sap-sary görünýan iri sünk adam balyk satýana hoşamaý ýüzlendi.
– Aga, alla seniň ömrüňi uzak etsin, ine, şu balyklary kowuryp beriň!
Murtlary peşerip duran, ýüzi jozzuk söwdagär düňderilen sebediň üstündäki balyklaryň ikisini gaýnap duran künji ýagyň içine atdy. Soňam salym geçmän kepgiriniň üstüne mündürip:

— Rahmat! — diýip, alyjylara hödür etdi.
Ak selleli adam bişen balyklary tegelek tamdyr çöreginiň üstüne ýerläp, onuň üstünden ýene-de bir çöregi ýagşy gaplap düwünçegine saldy soň düwünçegi ýanyndaky uzyn boýly, saryýagyz ýigide berdi.
Olar tirkeşip bazardan çykyp, ownuk-uşak zatlar satylýan dükanlaryň meýdançasyna düşdüler.
Bu meýdança-da edil bazar ýaly boşlaňdy. Bu ýylky gurakçylyk, oraza adamlara öz täsirini ýetirýän bolara çemeli, her kim öýünde bolanyny kem görmeýärdi.
Başy ak selleli adam gaýta-gaýta saklanýardy. Ýanyndaka nämedir bir zatlar düşündirýärdi. Uzyn boýly, saryýagyz ýigit sesini çykarmaýardy. Diňe «dogrudyr» diýen manyda başyny atýardy. Olaryň bolup barşy, belli pişäniň başyny tutman, indem agşam agzaçara çenli wagt geçirjek bolýan adamlara çalym edýärdi.
Bu hakykatdanam şeýledi. Bu ýylky oraza heniz ýary geçmänkä, adamlary ýadadypdy. Hurşuň gytçylygy sebäpli gündizler agzaçara, gijeler selälige howlugylmaýardy.
— He-eý, halypma, basymrak orazasam, baýramam gutarsa, alla ýol berip, bu gedaýçylykdan dynsadyk. Ahalyň dirilik melhemi ýaly howasyndan tä doýýançam dem alsadym. Wah, öýüň mazasy başgadyr-la. Bu ýerdäki ýaly şaýyňy sanap, syryljyrap ýörmän, barjasyndan iý-iç-de ýör. Wah..
Ýigidiň göwnüçökgünligi ak selleli adama hem täsir etdi. Onuň sary meňzi, ysgynsyz gök dodaklary ynjyly saraldy. Gözleri gubarlandy.
— Nazarly, köşek, sen gama batyýyrsyň. Ýigit janyň baýr, ýeňiň, ýanyň baýr. Nesip bolsa, medresäni hatym edip, ahunlyk derejesini alyp barsaň, hormatyýň, sylagyýň bakşa bolýyr. Ýat illerde gama gaplanyp ýörgenlik adamyýň pesliginiň alamatyýr.
Bular Nazarly bilen Nury Kazymdy. Olar düwünçegi göterip, Şirgazy medresesiniň seleňläp duran ymaratyna bakan gaýtdylar, Şirgazy medresesiniň ymaraty bazaryň hatarynyň tamamlanyp, beýleki köçäniň başlanýan ýerindedi. Şonuň üçin Eýrandan, Horasandan, Owgandan gelýän agyr kerwenler medresäniň gapdaly bilen geçýärdiler. Medresäniň howlusynyň derwezesem şol uly

ýolly köçä çykýardy.
Kiçijik köçeden Nury Kazym bilen Nazarly medresä sowuldylar. Säginmänem çep gapdaldaky basgançak bilen ikinji gata galyp, iň çetki hüjrä tarap ýöneldiler.
Bu medrese Hywanyň iň belli okuw jaýlarynyň biridi. Onuň iki gapdaly öwrenje ussalar tarapyndan ýasalan pesräk minarady. Şol minaralaryň biri ikinji mertebä çykylýan basgançakdy. Ikinji minaranyň aşagynda kazy-kelanlaryň, mürzeleriň iş dolandyrýan jaýlary ýerleşýärdi. Aralykda kesim-kesim hüjreler bolup, her kesimde üç sany hüjre ýerleşýärdi. Her hüjrede-de bir, iki, üç adam ýaşaýardy. Medresäniň başlangyç ýyly okaýanlar aşaky mertebede ýaşaýardylar.
Medresäniň günortadan-demirgazyga uzalýan ymaratynyň ýüzi şähere garap durdy. Ikinji mertebeden garanyňda tärethananyň giň jaýy, ammar jaýlary medresäniň gündogar ýüzüni ýapýardy. Gündogar taýa garanyňda bolsa han köşgüniň, metjidiň, ymaratlaryň gümmeziniň sowuklaç nyşany görünýärdi. Iki kişi bu ýerde uzak möhlet bäri ýaşaýan borly. Sebäbi Hywanyň bu görnüşi olaryň gözüne-de ilmändi. Olar ikinji mertebedäki hüjreleriň işigindäki dalan bilen iň gündogardaky kertige ýetip, onuňam ortaky gapysyny açdylar.
Hüjräniň içi alagaraňkydy. Hüjre diýseň dardy. Iki-üç ädim zordan oturyp biljekdi. Törde pessejik sekide kiçiräk ýük galdyrylgydy. Onuň gapdalynda, diwaryň ýüzündäki dereje üçin edilen ýörite tekdirde ep-esli kitap durdy. Ondan bärem, ýere ýazylan iki sany keçe tä aýaguja çenli gaýdýardy. Aýaguçdaky tekjede kündük, gap-gaç, ýerde köneräk hokga, sary gidenräk gön ädik ýatyrdy.
Kitaply tekjäniň bärsinde bir ýetginjek çöküne düşüp, agaçdan ýylmanyp, ýörite edilen sandyk pisint ýan agajyň üstündäki kitaba bagryny berip otyrdy.
Ol işik açylan badyna ýerinden galyp, gelenleri garşylamaga häzir bolup durdy. Işikden girenleri görüp, onuň tegelek ak ýüzündäki käse ýaly uly, owadan gözleri bir eziz adama nazary düşen ýaly begençli ýylgyrdy.
Nazarly işikden girensoň, ylgap diýen ýaly töre geçip, öýdäki ýigit bilen iki elini uzadyp uly hormat bilen görüşdi.

— Salowmaleýkim, Magtymguly agam!
Içerde duran ýigit şol mähribanlygy bilen oňa degdi.
— Heý, gardaşym, sen meni haçana çenli «aga» sözi bilen utandyryp ýörjek? Ikimiziňem ýylymyz doňuz. Ikimizem baýram aýynda doglupdyryk. Onsoň men saňa nädip aga bolaýyn?!
Nazarly hem kem galmady.
— Beh, Nurkazym halypa, sen bir kömege ýetiş. Ýogsa, meni agasyz galdyrýaňyz. O nähili aga bolmaýamyş? — Ol barmagynyň birini gaýtardy. — Saňa tutuş Hywa ili aga diýýärmi — diýýär. Onsoň hezreti Pälwan damulla aga bolýan, maňa bolanok. Olam-a indi ellä sal salyp ýör. Onsoňam siz köne adamyň at dakylany. Biziň ilde köne adamyň ady dakylan bolsa, çagajyga-da pylan aga diýýäler — ikimi? Onsoňam…
Nury Kazym halypa Nazarlynyň gürrüňiniň uzaga gitjekdigini, mundan artyk ony diňlemäge halynyň ýokdugyny aňdy. Şonuň üçin aýagyndaky sary giden ädiginem çykarman, aýaguçdaky ýeriň reňki ornan kilimiň üstüne çökdi. Halypasynyň bolşy öý eýesine ýaramady. Ol ylgap baryp, ýüküň üstündäki ýassyklaryň birini onuň başyny goýjak ýerine atdy.
Nazarly diliniň ujundaky gepini uçurdy. Ol elindäki düwünçegi nirede goýjagyny bilmän, duran ýerinde pyrlandy.
Nury Kazym ysgynsyz ses bilen ynjyly sözledi.
— Magsym jan, maňa biýr düşek at, men biýr ýerime geçmesem, ýüregim agzymdan çykyýp barýyr.
Magtymguly alňasaman töre geçip, düşek ýazdy. Soň halypasyny ýerine geçirdi.
Nury Kazym köne, gyralary gemrik-gemrik küýzäni görkezdi. «Şony alyp ber» diýip yşarat etdi.
Magtymguly Nazarlynyň gymyldaýşyny haýal görüp, iki ädende gap böwre bardy. Küýzäni eline alyp ýaşigi açyp güne garady. Günüň ýeriň aňyrsyna ýarty göwresini atanyny görüp, begençli seslendi.
— Halypam, sen däriňi arkaýyn içiber. Seniň orazaň kabul boldy. Agzaçar wagty bireýýäm bolupdyr — diýip, narpyz suwy bilen erik kişdesi ezilip salnan suwly küýzäni uzatdy.
Nury Kazym küýzeden düwne-düwne owurtlaýardy. Arasynda özüne zor salyp üsgürinýärdi.

– Magsym jan, seniň diýerniňi etibän gönüm-kösüm açyýlar tiýip, taş gitdim. Men biýr buh tertlerden tyndar hudahym. Maňa biýr haslyh beýr hudahym. Ahşamgyň batyp bargan çahynda, ýagşyzadalaryň örgen çahynda meniýň tilehiýme «amin» diý, hudahym. Sagyň ýanyýnda hasta etme, mertiň ýanyýnda tili hysga etme hudahym…
Hüjräniň içi garaňkyrapdy. Magtymguly iki çakmakdaşyny biri-birine gaýta-gaýta urup, pamyga ot düşürdi. Gaýyk ýaly bolup duran daş çyranyň gaýşarylyp duran turbasyna pamyk işip dykyp, oňa ot degirdi. Soň beýleki turbanam şeýdip ýakdy. Daş çyrany uly gussa bilen hudaýa mynajat edip ýatan Nury Kazymyň başujunda goýdy. Özem onuň gapdalynda dyzyny ýere goýdy. Onsoň ýatanyň çep elini emaý bilen eline aldy.
– Halypam, siz gussa bilen öňem ýanyp-ýanyp gerde öwrülen ýüregiňizi dörjelemäň. Eger-de ýeriň ýüzünde allatgagala iki adamy ýalkasa biri sizsiňiz. Şonuň üçinem size gam-gussa ýaraşyk bermeýär. Eger siziň ýüzüňize gam gelse, onda biziň ýüregimizi gussanyň paraladygy hasap ediň. Biziň ähli şatlygymyz, yhlasymyz siziň bilendir. Siz az salymlyk sabyr ediň…
Magtymguly ornundan turup, gap böwre bardy. Legen bilen kündügi alyp, halypasynyň eline suw akytdy. Orta saçak ýazdy. Oraza tutup ýagşy tapdan düşen, indem nan iýmäge-de ýaraman oturan halypasyna çöregiň ýüzüne toşap bilen bal çalyp berdi. Emma özi iýmäge howlukmady.
Nazarly henizem aýak üstünde durdy. Ol birhili garjawly gürledi.
– Nury Kazym halypa ýagşy bolsa, menem gidibersem diýýän, aga…
Magtymguly gürlemedi. Ol tolgunmadan gyzgyn gelem elleri bilen Nazarlyny gujaklap, getirip saçagyň başyna oturtdy. Özem ýuwnup, ardynyp, saçagyň başynda oturdy.
Nury Kazym halypa az-owlak garbanansoň daýanan ýaly boldy. Dine şondan soň ýumşak çörekli, gowrulan balykly düwünçek olaryň ýadyna düşdi.
Agzaçar heniz gyzyşmanka işik açyldy. Içeri ilki ullakan selle girdi. Onuň yzy bilenem garaýagyzdan syratly ýüz göründi. Ol elinde agaçdan ýasalan ullakan tabagy tutup durdy.

– Inä, Matumguly aka, sizlerge owkat keltirup man, aluňku – diýdi.
Oturanlaryň üçüsem ornundan galdy.
– Gelin, hezreti Pälwan damulla!
– Geliň!
Hezreti Pälwan damulla elindeki tabagyň alnaryna garaşýardy. Emma öýdäkileň tagamdan beter, bu hormatly myhmanyň gelenine begenýärdiler. Ony özleriniň ýanynda oturdyp, agzaçary bileje geçiresleri gelýärdiler.
– Aliýň, owkaty aliýň. Alar karaş kylyp oturgendir. Man kindaman.
Magtymguly diňe:
– Taňryýalkasyn, ömrüňňiz uzak bolsun? – diýmäge ýetişdi.
Hezreti Pälwan damulla çykyp barýarka:
– Ozlarigä, katda rahmat – diýdi.
Naharyň şüweleňi artdy. Künji ýaga jazlanyp, içine gowurdak atylyp bişirilen mäşewe Nury Kazym halypanyňam endamyna der getirdi.
– Halypam, eger janyňyza ýaramasa, indi beýdip, özüňizi horlamaň. Eger, alla kabul etjek bolsa, şu üç günüňizem az däl.
Nury Kazym halypa hemişeki arkaýynlygy bilen baş atdy. «Hawa!» diýen manyda oturanlaryň ýüzüne garady. Nazarly gürrüňi has berkitmek isledi.
– Hawa, aslynda-ha, orazany ýekeje gün tutmaly eken. Ýöne iller şol ýeke günüň haýsy biriniň kabul boljagyny bilmän, üç gün agyz bekläpdirler, soň-soň asyl tutuş aýlap oraza tutup başlapdyrlar – diýdi.
Nury Kazym halypa misli, çöregimi arkaýyn iýeýin diýýän ýaly, bu gezegem sesini çykarmady.
Nahardan bolşanlaryndan soň ol, düşegini düýrläp, oňa gyşardy. Birki gaýta gägirdi. Soňra turup omyn etdi.
Magtymguly bu biçäre bendä azar bermezligi göwnüne düwdi. Sebäbi ol bu gürrüňlerden has belendräkde ýaşaýardy. Häzir onuň hyýalynda başga bir pikir kerwen guraýardy. Ol bu hyýalyny daňdan selänlikde duýdurdy.
– Magsym jan, sen biýr zaýdy, duýipmykaň? Men saňa sowal

biýrjek?
Magtymguly halypasynyň haýsy gulakdan gopjagyny bilmedi. Şonuň üçin «ýok» diýen manyda başyny ýaýkady. Halypa has ileri süýşdi.
– Meniň wagytym azaliýar, çagam. Maňa her dem gyýn bolyýir. Her dem meni ölüm çagyrýyr. Her dem meni Watan topragyna çagyrýyr. Men indi göwnümi turuzdyýym. Kitmesem, körmesem, şol azyz toprakda olmesam bolmaz. Indi bu zaminden çaltyrak çyhmanyň aladasyny etmeli. Sen maňa ak paýta berirsiňmi?
Magtymguly doňup galdy. Ol bu mähriban adamyň halys ejizlänini duýdy. Sebäbi ony çagalygyndan bäri tanasa-da, onuň beýle-beýle gürrüňleri agzanyny ýekeje saparam eşitmändi.
Ol indi näme etmelidigini, näme diýmelidigini bilmedi. Göwünlik berip, ýykylan göwni galdyryp bolmajagyny ol aňdy. Eýsem-de ýaş başyna göwünlik berip, akyl satmak ony aldamakdy. Häzir ol aldaw-hile tamakin däldi. Onuň göwnüne söýget gerekdi.
– Halypam, süýji agzyňy, ajy ölüm bilen çaýkama. Eger-de Watana gidesiňiz gelse, onda bileje giderik. Men sizsiz ýaşap bilmerin. Kuwlam atamdan soň siz maňa hemaýat etdiňiz. Eger sizi arkama alyp haç ýoluna rowana bolmalam bolsa, men-ä taýyndyryn. Ýöne göwnüňizi gama basdyrman…
Nazarly bu bolýan gürrüňlere düşünmedi. Onuňam Watan höwesi turup, duýgularyny yrady. Onuňam göz öňüne gadymy Börme obasy, dagdan inýän tämiz çeşmeler, at çapyp, guş salyp ýaýnap gezmeli ýaýlaglar düşdi.
Hywanyň çygly howasy, ýüregini ezip barýan aýralyk dagy onuňam bu ýerlerden basymrak gidesini getirdi. Şonuň üçin ýassyklaryň birini bagrynyň aşagyna berip hyýal kölüne batdy. Soň ol öz hyýalyndan başga zady görmedem, eşitmedem.
Nury Kazym halypa dyzyna galdy. Çuňňur gözlerini aýalary bilen gaýta-gaýta çaldy. Uzyn ak köýneginiň ýakalaryny düzedişdirdi. Inçejik, gap-gara injiklerini köýneginiň syny bilen ýapyşdyrdy. Soň birhili hoşamaýlyk bilen ýylgyrdy.
– Magsym jan, sen meniýň söýelerimi pugta tiňle, meniň pikirimi aňla. Eger ryza bolsaň, maňa ak pata ber. Men erte taň bilen urgaýyn. Köý, amanat jany tapşyrsam, eziz diýar

ugrunda tapşyraýyn… Ýöne…
Onuň damagy doldy. Ol garşysynda oturan nurana kişiniň öňünde ejizledi. Ol Magtymgulynyň gözlerindäki röwşeni, gül ýapragy ýaly owadan gabaklaryny ýumanda öwşün atýan mähir nuruny, kirpiklerindäki allanyň ady kimin mähribanlygy, ýüzündäki rehimdarlygyň ýalkymyny görüp, agzyndaky sözleri pytradýardy.
Nury Kazymyň ömrüniň iň gowy günleri, Magtymguly bilen geçen günlerdi. Ol özüniň ýüregindäki yhlasyny, ynsana, dünýä bolan tükeniksiz söýgisini, özüniň ýetip bilmedik, hiç haçan ýetibem bilmejek arzuwlaryny bu mähriban adamyň kalbyna guýupdy. Ol diňe Magtymgulynyň hakyň owazy ýaly köşeşdiriji sesini eşidip rahatlanýardy. Ol şeýle akylly, edepli, parasatly, hoşsyrat ynsany eline çyra alybam gözlese tapyp biljek däldi. Bu ynsany allanyň gudraty bilen dünýä inen hasaplaýardy. Indem onuň üçin aýralyk pursady gelipdi. Bu ölümdi. Ol ölümiň şeýle ýakynlygyny duýýardy. Ol eziz Watana ýetip bilmejeginem duýýardy. Emma ol ölümden bir zerrejigem gorkanokdy. Ýöne ölümden hem gorkuly zat bardy. Olam garşysyndaky bu mähriban adamyň göwün gözgüsidi. Şony döwmeli däldi. Şony asmana galdyrmalydy. Eger-de ol bu ýat ilde ölse, onda şol gözgä zeper ýetjekdi. Gitmelidi. Hökman gitmelidi. Ol şu niýet bileňem Magtymgulynyň ýüzüne garady.
– Magsym jan, seniň bu tiýýeniň dogryý. Sen maňa rugsyýat ber. – Onuň damagy doldy. Ol hor aýalary bilen gözleriniň çuňňur owalaryny gaýta-gaýta süpürdi. Hudaý maňa öý, maşgala süýjüligini dadyrmady. Meniň üregimiň yhlas gunçalary açylmady. Myradym hasylyny bermedi. Amma alladan narazy daliýem. Ager bir oglum bolar bolsady, bolsa sanje bolardy. Ager doganym bolan bolsady, bolsa sanje bolardy. Ager dostum bolan bolsady, bolsa sanje bolardy. Bolmasa munja-ta bolmaztyý. Sen meniý atań teýin hormatlatyň, agaň teýin sarpalatyň, dostuň teýin sylatyň. Men şu hormatyň süýjüligi bilen amanat bereýin. Men bagşa süýji-ajy döwrany görmäýleýin…
Nury Kazym halypa gözýaşa gark boldy. Magtymgulynyň göreçleriniň alnyny ümür baglady. Halypasynyň solgun ýüzi misli buluda bürenen aýyň keşbi ýaly gamaşyp, perde astynda göründi. Ol şunça ýyllap ylym, edep atasy bolan, ony ähli ham-

hyýallardan apalan adamy ýitirip barýan ýaly tisgindi. Halypasynyň ot ýaly golundan mäkäm ýapyşdy.
– Beý diýmäň, eý, eziz adam! Siz hudanyň eziz bendesisiňiz. Sizi beýik eýäm meniň yhlasymy eşidip iberendir. Indi biziň ikimize aýrylyşma ýokdur. Siz şeýtanyň alyna ynanmaň. Siz bir pursatlyk gam girdabyna özüňizi boýlatmaň. Sizin ölmäge hakyňyz ýok. Onsuzam dünýäde gowy adamlar iňňän az…
Halypa ýüzüni galdyryp, özi üçin şeýle eziz adamyň göreçlerine garady. Ol göreçlerde uly hormatyň, ezizligiň, söýginiň çeşmesi gaýnap, görülmedik ersgin bulaklar akýardy. Şol bulaklar halypanyň ýüregine guýlup, ganyna joşgunlyk berýärdi. Onuň ýüregi rahatlanypdy. Süňňündäki ynjy-agyrylar misli el bilen syrylan ýaly aýrylypdy.
Ol tirsegine galdy. Özüniň ýüreginde emele gelen duýgyny gizlemek isledi. Emma başarmady. Hoş söz eşiden çagajyk kimin begençli ýylgyrdy.
Magtymguly oňa düşündi. Onuň halypasynyň ýüreginde öz ömründen, eden işinden razylyk bardy. Beýle duýgyny duýmazlyk mümkin däldi.
Nazarlynyň hem ýüregi düşüşipdi. Ol turup därili küýzäni getirip, Magtymgulynyň ýanynda oturdy.
– Şeýdiň, halypa, başyňyzy galdyryň. Biziň göwnümizi şat eýläň.
Nury Kazym halypa misli ýaş ýigit ýaly bolup düşeginden turdy. Sellesini düzedişdirdi. Üsti kitaply sandyjagyň ýanyna bardy. Soňam Magtymgulynyň görejine garady.
– Magsym jan, oglyým, sen maňa şygyrlar diwanyňy ber. Men seniň göwnüne girip göreýin, oglum. Men seniýň bossanyň salkynlygyna çümüp köňlüme aram tapaýyn…
Magtymguly ýüküň önündäki agyr düwüwçegi howlukman çözdi. Ondan galyň diwany aldy.
Halypa daşy yhlas bilen bejerilen diwany ogşady. Ony maňlaýyna üç mertebe togap edip, uzak wagtlap doga okady. Soň diwan bilen bilelikde, ellerini ýüzüne syldy.
Häzir ol ömrüniň iň süýji pursatlaryny geçirýän mysalyndady. Onuň ýüzi yşyga nurlanypdy. Gözlerine rehimdarlygyň kölegesi saýa salýardy. Ol diwany şeýle uly yhlas bilen agdaryşdyrdy.

Soň bir sahaba ýetip, gözlerini ýumup uzak wagtlap pyşyrdady. Ol häzir, diňe häzir bir zada düşündi. Ol tutuş ömründe agtaran, tapmadyk sowallaryna şu diwandan jogap tapypdy. Ol bütin ömründe ýitirip ýören duýgularyny, söýgüsini, yhlasyny bu diwandan tapypdy. Onuň pikiriçe, bu haty ýazan ýöne-möne adam däldi. Ol gaýýykda gezmekden irip, ynsan sypatyna giren Ýusup pygammerdi. Ol Zylyha aýdyp bilmedik, il-gününe syr açyp bilmedik duýgularyny diwana geçiren ýalydy. Çünki ýöne-möne adam, külli ynsanyň ýüreginiň çuňňur çüňkünde gizlenip ýatan duýgulary görüp, duýup, onam ynsan sözüne salyp aýdyp biljek däldi. Nury Kazym muňa gowy düşünýärdi.
Gör-ä:
«Ýagty salar gider zülmat tününde, meniň sahypjemalymy gördüňmi? Bahar eýýamynda, heýhat gününde, meniň sahypjemalymy gördüňmi? Magtymguly, çeker ýaryň gamyny, gezip tapa bilmez roýy-zemini, Ýa ady Jebraýyl, hakyň emini, meniň sahypjemalymy gördüňmi?»
Hakykatyna seredeniňde bu sowaly Nury Kazymyň özi bermeli ahyry. Gör, indi näçe ýyllar, bir är ömri ol öz-özüne «Eý, beýik, eýäm, seniň sahypjemalyňy göreýin» diýip ýörmänmidi näme! Ýa-da onuň yhlasy pesmidi? Ýa-da ol beýik eýäniň öňünde ikilik etdimi? Ýok. Onda näme, bu sözleri ol diýmedi? Onda näme üçin iliň yhlasy onuňkydan müň mertebe güýçli?! Hawa, muny ýazan adam ýöne bir adam däldi. Ol welidi. Ol pygammerdi».
Nury Kazym Magtymgulynyň ýüzüne diwanalyk nazary bilen garady. Onuň gözlerinde teşneligiň, telbeligiň hyjuwy açgözlük bilen ýanýardy. Ol özüniň şägirdine şeýle nazar bilen garady.
– Magtym jan, körpäm, sen maňa bir şygyr okap ber, sen meniň göwnüme aram ber. Sen maňa rehim et, oglum.
Magtymguly diwany eline aldy. Ony uzak wagtlap sahaplady. Şol wagt hezreti Pälwan damulla bilen iki sany del myhman içeri girdi. Hemmeler ör turup, hormat bilen salamlaşdylar.
Myhmanlar heniz ýygnalmadyk saçagyň başyna geçdiler. Damulla nanyň duzuny dadyp, saçagyň burçuny serpdi. Soň töweregindäkileriň bolşandygyny seljerip, omyn etdi. Onuň omynynyň yzy alkyşdan düzülipdi. Ol özüniň göwni ýetýän

saçagynyň başynda okaýardy.
– Maktumkuly ake, sizleriň neme kereg-kemiňiz barga deýip kelamiz. Ham bite şyýyr okyýň. Bu kün juma şamyga kudany ýat kylyň. Katte rahmat tiýemiz. Bu balalar bizlerga rafir bolar, ham dust bular.
Magtymguly hezreti Pälwan damullanyň türkmençä has ýakyn gürlejek bolup kösenip oturyşyna düşündi. Onsuzam halypasynyň islegini berjaý etmek üçin eline alan diwanyny «okasam» diýip göwün eden sahabyny açdy.
Ol diýseň üýtgeşik owaz bilen şygyr okap başlady. Onuň sesi ene hüwdüsi ýaly süňňüňi söküm-söküm edýärdi.

Dehistanyň baýrynda
Bady-sabany görsem.
Bahawetdin, Mirküllal,
Zeňňi babany görsem.

Naglaýy arşa täçdir,
Ady äleme paçdyr.
Iki jahan – mätäçdir,
Arap zybany görsem.

Geler geçer çäşt edip,
Eglenmez güzeşt edip.
Köňlüm aýdar keşt edip,
Gezsem, jahany görsem.

Jan däli, jahan şeýda,
Munda hiç bolmaz peýda.
Ýedi dag, ýedi derýa,
Däli dünýäni görsem.

Magtymguly, hoş bolsa,
Aksa didäm, ýaş bolsa.
Imanym ýoldaş bolsa,
Barsam, Käbäni görsem.

Nury Kazym halypasynyň gözlerinden akýan ýaş bahar aýlary belent daglaryň başyndaky ýalçy gaýalardan yzgar akyp, gün

düşende täsin ýalpyldaýşy ýaly yşyga ýaldyraýardy. Hezreti Pälwan damulla eňegini dyzyna diräp, pikir derýasyna salyny akdyryp otyrdy. Onuň bilen gelen myhmanlaram bu şygryň duýgusyndan çykyp bilmän yranyşyp otyrdylar. Nazarlynyňam gözlerine gam inipdi.

Magtymguly uzyndan owadan barmaklary bilen diwanyň sahaplaryny agdaryşdyrdy. Soň halypasyna haýsy şygryň ýarajakdygyny oýlanmak bilen sahapdan sahaba geçdi.

Ol täze ýazan şygryny okap bermegi müwessa bildi. Bu şygyr Muhammet pygamberiň adam sypatly aty baradady. Ol at misli ynsan kimin pähim-paýhasa ýugrulyp, eýesiniň hyýalyny aňlaýardy. Ýedi derýany, ýedi ülkäni bir demde geçip, göz açyp-ýumasy salymda islän ýerine eltýärdi.

Bu şygry Magtymguly oňat görýärdi. «Byragy» bolsady, olam eziz iline bir demde ýetip, döwletli ojagyndan, yrsgally saçagyny, käbesi ejesini, kuwlasy atasyny, il-gün, dogan-garyndaşyny görüp, habar alyp yzyna gaýtmazmydy. Eger-de «Byragy» bolsa, indi niçe ýyllap adyny zybana salyp ýören halypasyny iline äkitmezmidi. Eziz doganlarynyň yzyny yzlap, misli Hysrow şanyň ogly Hemra ýaly doganlaryny idegläp, soraglap Watana alyp gelmezmidi.

Magtymgulynyň şol ajap aty arzuwlap, şygyr düzmesiniň sebäbi şudy.

Emma Nury Kazym bu goşgudan başga many aňlaýardy. Ol özüniň şägirdiniň ganatynyň ýetendigini, oňa indi özüniň öwüt-ündewleriniň zerur däldigini duýýardy.

«Eger-de häzir Muhammet pygamberiň özi gelip, bu oglanyň «Byrak» hakdaky şygryny diňlese, onda şol älem howandarynyň özem oňa «aperin!» diýerdi. Ýok, gudraty güýçli taňrynyň özem oňa kanagat serpaýyny bagş ederdi. Arman, ýer gaty, gök yrak».

— Oglyým, «Günähim güzeş eýle» diýip ber, bir mertebe.

Magtymguly diwanyň sahaplaryny agdaryşdyrdy. Soňam ylla, nury bilen äleme dirilik paýlajak ýaly, nurly kirpiklerini galdyrdy. Oturanlaryň ýüregine rahatlyk bulagy akyp gitdi. Ol oturanlaryň özüne bolan garaýşynda mähribanlyk gatançly umydygärlik alamatyny duýdy. Ýöne munuň nämäniň alamatydygyny aňşyrmady. Ýene-de uly hyjuw, uly söýgi bilen gazal okamaga

başlady.
Onuň sözleri durmuşyň ýowuzlygyndan, ýeter-ýetmezlikden, gaýgy-hasratdan bez-bez bolan ýürekleriň iň agyryly ýerine melhem ýapgy bolup ýetişýärdi. Olara rahatlyk, köşeşme berýärdi.
Magtymgulynyň owazy hut beýik eýäniň özüne ýetip, onda bu oturanlar, tutuş il-gün üçin ötüm soraýan ýalydy.

…Ýüz gam bile tende jan.
Isteýur senden aman.
Pazlyň bile, ýa subhan
Günähim güzeşt eýle.

Akyl ýetmez zatyna.
Pikr eden sypatyna,
Birligiň hormatyna,
Günähim güzeşt eýle,

Mälik mahluka herne,
Kim ýetdi sunguň syrna
Üç müz ismiň hatyrna
Günähim güzeşt eýle…

Senden bolmasa haraý –
Bu meniň halyma waý…
Magtymguly, ýa hudaý
Günähim güzeşt eýle.

Hiç kimden ses-üýn çykmaýardy. Misli, her kim bu şygryň jogabyny şu pursat eşidäýjek bolýan ýaly, gözüni hüjräniň burçuna dikip otyrdy.
– Kette rahmat, eke – diýip, hezreti Pälwan damulda gözlerini süpürdi.
Ýene-de birnäçe goşgy okalandan soň myhmanlar rugsat sorap turdular. Magtymguly bilen Nazarly olary ugratmaga çykdy. Nury Kazym halypa bolsa düşegine geçip, gözlerini depesine dikip ýatyrdy. Okuň göwni boşap galypdy. Hälki hasratlar, dert-ynjylar ýokdy. Ýöne bir zat welin galypdy. Olam Watana gaýtmak

höwesi.
Nury Kazym halypanyň gara ýylçyrrak ýüzi, mäşbürünç sakgaly Magtymgulynyňam gözünden gidenokdy. Ol uzak gije diýen ýaly, bu mähriban adamyň halyny, bu günki gürrüňlerini kellesinde aýlaýardy. Ol düşegine geçse-de, gözüne uky gelmeýärdi. Hyýallar ony «Byragyň» gerşine mündürip, uzak ile, mähriban mekana alyp gidýärdiler.
Ol wagt Magtymguly ýaşdy. Ol dädesiniň elinde ders alýardy. Arap okuwynyň başlangyç derslerini geçýärdi. Ýaş oglan üçin okamak diýseň gyzyklydy. Ol eline berlen kitaby şol bada okap tükedäýjek bolýardy. Şonuň üçinem gündizi-gijesi kitabyň üstüne ýykylar ýatardy. Ýöne ol bu hatlary okasa-da, onuň näme many-mazmuny bardygyna asla düşünmezdi. Döwletmämmet mollanyň özem oglunyň şol zatlary many-mazmunyny aňlaryna garşydy Oglan ýaşdy. Ony beýnisi bekemedik, süňki gatamadyk hasaplaýardy. Şonuň üçin oňa känbir agram salary gelmeýärdi.
Şol ýyllarda; «Nedir, şa Etrek-Gürgene gan çaýkajak bolýarmyş» diýen gürrüň çagalaryn hem zähresini ýarara getirýärdi. Bir gezek bolsa Hajygowşanyň ähli ýaşululary onuň ýanyna töwella etmäge gidipdi. Magtymgulynyň dädesem gidipdi. Şonda olaryň öýüni misli elhenç gam-gussa gaplap alan ýalydy. Ýaşulular iki günden soň gelipdiler.
— Bolsa-da, sag-aman geçip gitdiler. Nedir şanyň gözi gyzarypdyr. Eýran, Turan, Owgan, Hind, Horasan, Hywa dabanynyň astynda. Bujagaz Etregiň bäş öýlüsi dagy onuň üçin näme? Ýöne biziňkem aýal-epdat, çaga-çoluk hary-zar bolmasyn diýmek-dä — diýip, dädesi ejesine düşündirýärdi.
Ine, şondan köp wagt geçmänkä oba gara selleli, ak uzyn köýnekli bir nöker gelipdi. Ol Magtymgulylaryň öýünden çykman birnäçe gün bolupdy. Soňra egin-eşigini çalşyryp, metjide gatnap başlapdy. Köp wagt geçmänem oba medresesinde ders berip başlapdy. Ol oglanlara diýseň ýarapdy. Türkçäni çalgyrt sepläp, bu molla olara «Edeniň näme?» diýmeýärdi. Gaýta, oglanlaryň garagollugyna ýylgyrýardy. Onuň iň gowy tarapam, dessanlar barada ýadaman-ýaltanman gürrüň edip bererdi,
Bu mollanyň ders berşi ilki-ilkiler Magtymguula ýaramandy. Sebäbi ol kimiň dersine ökdedigini, ökde däldigini seljerip,

öwüp, apalap duranokdy. «Şundan şuna çenli okaň!» diýip, ýumuş tabşyryp hem durmaýardy. Şonuň üçin bu oglanjyk oglanlaryn içinde göze ilmän galyberýärdi. Bir gün ol öýlerine gelip kakasyna arzyny aýtdy, Garry molla oglunyň kinesine düşünse-de, ona diňe öwüt berdi.
— Dedem jan, sen adamyň gürrüňini etmegi öwrenme. Mollaň diýenini ediber. Oňa akyl bermäge ýolagyň ýokdur.
Magtymguly medresä göwünsiz gidýärdi. Bir gün şeýle waka bolupdy. Öwez aganyň ogly Ataguly mollany käýindiripdi. Molla şondan soň ummasyz gamyň kölüne batyp, hiç açylmady. Magtymguly ilki içinden begenipdi. Soň welin gynanyp başlapdy. Molla welin oglanlar gaýdansoň hem agyr oýuň astyndan çykyp bilmän otyrdy.
Magtymguly medresäniň gapdalyndaky belentde ullakan daşyň üstünde otyrdy. Ol ep-esli wagt geçenden soň yzyna, ders berilýän hüjrä bardy. Gapydan girip-girmän ony hormatlady.
— Mollam, edep!
Molla hiç zat diýmedi. Ýöne ol indi gama batman, bu edeplije oglanjyga garap ýylgyrýardy.
— Adyýň näýme, ýoglum? — Magtymguly şatlyk, utanaç gatyşykly gyryk ses bilen adyny aýdypdy. Molla ýüzüni uzak wagtlap owkalady. Soň golaýyndaky diwany alyp, oňa şo-ol garady oturdy.
— Şu diýwanyý körýoňmuw. Ol seniýň ataýyň Dowlutmammet ahunyň diýwanyý. Mundag bir söý bardyý:

Käbe ýygmakdan müň mertebe,
Bir köňül ýygmak ýamandyr eý, däde…

Beýle sözi äleme agyl aýlagan, Jemşidiň jamy degil gudratly tabagy bolgan bir dana är aýtar. Sen hiýç kaçang kişig köňlünge tagma salma, bala.
Magtymguly mollasynyň göwnüniň şeýle ekenligine düşündi. Ol Atagulynyň: «Molla, öýünden, ilinden kowlan agta gul diýelerleý, çynmeý?» diýen sözüniň oňa nähili täsir edendigine düşündi. Şonda näme üçin ol ýakymsyz oglany «Mollam, edep, mollam, edep» diýip gan eňreýänçä urmadykan, ýa-da onuň

dädesinden gorkdumykan?»
Ýok. Magtymguly bu adamyň ynsana el gaýtaryp bilmejegine has soň oňat göz ýetiripdi. Ýöne şol gün öz mollasyna bilmezlikden öran bijaý sowal beripdi. Eger başaryp bilse «Mollam, seniň biz ýaly ogluňyz bam-aý?» diýip beren sowalyny häzirem bolsa yzyna aljakdy. Emma uçan guşy tutup bolýarmy, näme?
Molla gaýtadan gama batypdy. Soňra ol kirpigindäki düwme-düwme ýaşlary aýasy bilen syryp, şeýle gürrüň beripdi:
«Onuň hakyky ady Nury Kazym ibn Bahrdy. Ol siriýaly türkmenleriň öküzler tiresinden bolup, Damask diýen ullakan şäheriň eteginde ýaşaýardy. Olaryň kiçeňräk mellegi bolup, onda noýba bilen gyzyl burç ekilýärdi. Nury Kazymyň atasy türkmenler bilen araplaryň arasyndaky çaknyşyklaryň birinde öldürilipdi. Ejesi Fatima bolsa ýüň daramak, gyzyl burç satmak bilen ogluny ekleýärdi.
Nury Kazym Damaskyň orta medresesini tamamlap, öz obasyna gelipdi. Emma iş-güýç ýokdy. Şonuň üçin oba baýynyň gapysynda işleýärdi. Baý ogullaryny derse taýýarlaýardy.
Bu baýyň Leýli diýen bir hoşroý, hoşsyrat gyzy bardy. Ol Nury Kazyma hyrydar bakýardy. Oglan ony şol ýeriň adaty boýunça alyp biljek däldi. Sebäbi baý-baýa, garyp-garyba öýlenmelidi.
Emma söýginiň gudratyna boýun bolmadyk ynsan barmyka? Nury Kazymam Leýliniň bakyşlaryna maýyl bolup, oňa birki jümle hoş sözem aýdypdy.
Gepiň gysgasy, şondan köp wagt geçmänkä, oglan bilen gyz dilleşip başga ýurda gaçypdylar. Olaryň baran ýerem Yragyň Kerbela diýen ýeri bolupdy. Bu şäher gadym öwlätleriň mekany bolup, onda adam öldürmek, adama sütem etmek günä diýilýär eken.
Onsoň ýaşlaram şu ýerde tapdygyndan güzeran dolap, ýaşaberipdirler. Aradan aý aýlanyp, ýyl dolanansoň, bularyň ekiz çagasy bolupdy. Ýaş ata-ene beýle bagty miýesser eden allatagala köp-köp alkyş aýdyp ýaşap ýördüler.
Ine, şeýle günleriň birinde, Nedir şa üçin goşun ýygnalýandygyny, kimde-kim gitse, at, ep-esli, harajat, soňam, ýer, mülk, engam beriljegini aýdyp jar çekdirýärdiler.
Bu habar Nury Kazymdanam beter Leýlä güýçli täsir edipdi. Ol

ertir-agşam adamsyna ýalbarýardy, aglaýardy, hoşamaýlaýardy. «Eger Nedir şa gulluga gitse baýlyga, mülke eýe bolup, gurplanarlar. Onsoň gyzyň atasy bilen hem ýaraşmaga mümkinçilik boljagyny tekrarlaýardy. Çünki gyzyň kakasam bir wagt şeýle ýol bilen gurplanyp, soň baýanmyş!»
Nury Kazym Nedir şanyň goşunyna gitmäge şeýle göwünsiz bolupdyr. Çünki ol oguljygy Mätiniň, gyzy Mäzemiň, aýaly Leýliniň didaryndan hiç doýup bilmeýän eken.
Emma, ahyrsoňy bolmandyr. Ol şanyň goşunyna gitmeli bolupdyr. Giden çagy aýalyna tabşyrypdyr. «Eý, eziz syrdaşym, sen diýip, watandan, käbeden geçen ýarym, çagajyklarymyň anasy Leýlim. Sen eziz perzentlerimi hor etme. Men gidenden soň, özüňi kesekä zar etme» diýip, öwüt-nesihat berip, elinde barja harjyny oňa goýup, niredesiň şähri Maşat diýip ýola rowana bolan. Maşat şäheri şol wagt Eýran ýurdunyň baş şäheri eken. Ondanam Yspyhana bardylar.
Nedir şa bolsa gylyjyny gynandan çykaryp, Owgana, Hindistana, Horasan, Horezm ýurdu-welaýatlara göz görkezmek üçin ýola şaýlanjak bolup duran eken.
Agyr goşun ýola rowana boldy.
Yspyhan, Kerman, Bam, Ferah, Gereşk, Kandagar, Kabul, Peşewar, Logar, Deli! Nedir şanyň ýoly ine, şu uly şäherlerden düşüpdi. Ýollara gan çaýkalyp, illere talaň düşüpdi. Nedir şa we onuň nökerleri galkan-galkan gyzyl, göwher, zeru-zerres parçalar alyp yzyna gaýdypdy. Soň şa bu ýörişi bilenem kanagat etmän, Kandagaryň üsti bilen Hyrat, Garadepe, Antguýy, Balh, Çardşu, Hywa diýen şähri-mülkleri hem boýun edip, Merwiň, Keletäniň üsti bilen Maşat şährine gaýdyp gelipdi.
Alnan oljalaryň, dökülen ganyň, eşidilen ahy-perýadyň aňyrsy-bärisi ýokdy. Şol wagt bir näbelli şahyrlar bu hasraty ine, şeýle beýan edipdir:

…Derýalar döretdiň akan gaýalardan,
Gün-u-aý tutuldy ah-pyganlardan
Ozduran zalym sen, ýetgen şalardan
Meger, sakar dowazah budur, Nedir şa.

Ine, ýalançyda sakar dowzah döretmäge gatnaşan nökerleriň birem Nury Kazymdy. Ol oljadan ýüküni ýetiripdi. Şol alan göwheri, goş-golamyny ýerläp bilse, ol hakykatdanam ýedi puşty hor bolmajak baý bolmalydy. Ol şeýle niýet bilenem niredesiň Kerbela diýip ýola rowana boldy.
Ol ýaşlykda gaty garyp ýaşapdy. Şonuň üçinem, hemişe baý bolmagy, baýlar bilen gatnaşykda, hem söhbetlikde bolmagy arzuw ederdi. Emma onuň ejesi Fatima bajy: «Oglum, haramdan müň teňňe ýygnanyň bilen halaldan bir teňňe ýygnanyň desdeňdir. Bize haram zat, iliň maly düşýän däldir» diýerdi. Ogly ejesiniň sözüni tutdy. Emma…
Belki, bu zatlar haramam däldir. Çünki ol zähmet çekdi. Söweşe gatnaşdy. Köp-köp ýollary söküp, köl-köp azaplary, horluklary gördi. Şonuň üçin alnan bu oljalar haram bolman halal bolmaly…»
Ol Maşatdan Kerbela barýança allanyň, öwlüýäleriň ýoluna doga baryny okap, günleriň birinde öýüne bardy.
Emma, gördi, öýünde hiç kim ýokdy. Ol atyny işikde baglap, oljalaryny içersinde ýerleşdirdi. Soňra gonşy-golamlardan habar almaga çykdy.
Kerbelada adamlar şeýle agzybir ýaşaýardylar. Şonuň üçin bu maşgala barada her bir goňşudan habar almak boljakdy. Nury Kazym hem şeýle maksat bilen goňşularyna geldi. Emma oňa hiç kim ýüz bermedi.
Ol şol ýeriň kähudasynyň ýanyna bardy. Kähuda:
«Eger ýüzüňe bäş barmak gara çekip, özüniň ýazyklydygyny boýnuna alyp gelse, bu iş barada bolşy-bolşy ýaly habar berjekdigini» aýtdy.
Başga alaç ýokdy. Nury Kazym bir hekaýatyň gopandygyny aňdy. Ol ýüzüne bäş barmak gara çalyp, oba kähudasynyň ýanyna öwrülip bardy. Oňa çenlem oba aksakgallary, din hadymlary hem onuňka üýşen ekenler.
Nury Kazym günäliniň ornunda otyrdy. Şondan soň bolan wakany oňa habar berdiler.
Hasap edip otursalar onuň maşgalasyny taşlap gidenine iki ýyla golaý wagt geçipdir. Şol geçen döwürde onuň aýaly, çagajyklary gedaýlyk hetdine ýetipdirler. Oba kehudasy bu ýagdaýyň

çäresini tapjak bolup, bir tär bilen gelniň garyndaş-doganlarynyň nirede ýaşaýandygyny bilipdir. Şoňdan soň ol Damaska nama iberip, onda-da Leýliniň düşen güni barada habar beripdir.

Aý geçip, ýyl dolananda üç-dört sany türkmen gelip ýetipdir. Olar gahardan, gazapdan ýaňa, allanyň özünem sylap durjak däller eken. Oba kähudasy ol biçäre aýalyň öýüni salgy beripdir. Bar betbagtçylygam şondan soň başlanypdyr.

Türkmenler, megerem, «dedemiz gelendir» öýdüp öýdüp önünden çykan çagajyklary kerçem-kerçem edip, gylyçdan geçiripdirler. Ýaňky maşgalany bolsa atyň önüne basyp alyp gidipdirler.

Oba ýaşulularynyň hem gahar-gazaby köşeşer ýaly däl eken. Olar iliň maşgalasyny azdyryp, ýat illere alyp gelen, onam hor-homsulykda taşlap giden adamy obada ýaşadyp bilmejekdiginem aýtdylar.

Ine, şeýdibem ol ilinden awara, maşgalasyndan jyda düşüpdi. Gelip-gelibem Hajygowşanyň medresesinde ornapdy…

Onuň bu gürrüňi bereli bäri telim-telim ýyllar ötüpdi. Emma Magtymguly ony ýadyndan çykaranokdy. Ýöne ol oba medresesinde, mollasyna bolan sylag-hormaty juda artypdy. Magtymguly şeýdensoň, beýleki oba oglanlaram ony käýindirip durmandylar.

Magtymguly hut häzirem oňa düşünýärdi. Onuň gijeleri ýatman, agyr oýlaryň içinde geçirýändigini günlizler saralyp, solup ýörendigini aňýardy. Emma elinden gelýän zat ýokdy. Eger-de, häzir halypasy ýerinden turup: «Ýöri, Watana baryp gaýdaly» diýse, ol demini alman ýola düşmäge taýýardy.

Dogry, watany, il-güni, ene-atasyny Magtymgulynyň özüniňem juda göresi gelýärdi. «Ýöne ýanyňdaky ýoldaşyň uly derdini çekişmän, öz kiçijik gussalaryňy diliňe dolap oturmak ýagşymy? Ýok. Çekmelidi, çydamalydy. Saglyk bolsa, bir nesipli gün eziz ile sapar edilen wagtam bolar».

Magtymguly şeýle oýlar bilen irkildi. Emma Nury Kazym halypasynyň gözüne uky gelmeýärdi. Ol göwnüni henizem köşeşdirip bilenokdy. Her hili ýollara düşüp, her hili oýlara gark bolýardy.

Ol Magtymgulynyň irkilenini aňyp beýlesine agdaryldy. Içindäki ähli ynjysyny daş çykarmak üçin uludan-uludan dem aldy,

iňledi. Ýöne serindäki dumany welin dargadyp bilmedi. Nazarlynyň ýuwaşja horruldamasy onuň pikirini jemlemege päsgel berýärdi.
Ol gitmek üçiň başga ýol, başga bahana gözledi. Indi birki gün bäri özüniň eziz görýän şägirdine el ýaly hat galdyryp, bir özi ýola düşmegi küýüne düwýärdi. Emma bu pikiriniňem başyny bogup bilmeýärdi.
«Gedaýçylyga-da harç gerek» diýşi ýaly, oňa ýolharjy gerekdi. Şonuň üçinem aýyň ahyryna garaşmalydy. Diňe şonda Emiriň gaznasyndan berilýän 30 teňňäni alyp biljekdi. Şol pul Kerbel baryp, çagajyklaryna sadaka bermege, soňam Damaska ýetmäge harç bolmagy mümkindi. Emma oňa çenli ýene-de 15-20 gün garaşmalydy. Nury Kazym halypanyň bolsa hut şu mahal turup ugraberesi gelýärdi.
Ol usullyk bilen düşeginden galdy. Daş çykyp, hüjräniň işiginde oturdy. Şäher ukudady. Derýa boýundan öwüsýän ýakymsyz şemal onuň halsyz bedenini jümşüldetdi. Onuň süňkleri syzlady. Munuň özi ýakyn wagtda ygalyň boljakdygynyň alamatydygyna ol düşündi. Ýöne nämäniň-nämedigini ölçerip-dökmäge onuň güýji ýetmedi. Ol tizräk daňyň ataryny dileg etdi. Daň atsa medresedäki mollalardan ýa-da talyplardan özüne berilýän 30 teňňäni almak şerti bilen az-owlak pul karz alyp, ýola düşmegi ýüregine düwdi. Ýöne bu syry Magtymgula duýdurmaly däldi. Onuň pikirini okuwdan sowmaly däldi.
Nury Kazym ýerine girip irkilende Hywanyň horazlary gygyryşyp başlapdylar. Selälige turan talyplaryň, mollalaryň hümürdisi Magtymgulyny hem oýardy. Ol kündügi alyp tärethana bakan ugrady.
Ýolda oňa hezreti Pälwan damulla gabat geldi.
— Essalowmaleýkim, damullam.
Olar gollaşyp görüşdiler.
— Sizlerge şat habar aýtaman, erte akşam bizlerga keliň. Ketde ahun sizlergi çakylyglaýybtyr. Olarga baramyz. Belke, sizlerginiň bagtige bagt şuglasi rawşen saçgar…
— Kätte rahmet, damulla…
Magtymgulynyň köňül guşy göge galdy. Misli onuň ähli arzuwlary aňry ýany bilen hasyl bolup barana döndi. Ol tärethanada kän

eglenmän, hüjresine çykdy. Özüniň şatlygyny halypasyna buşlamak isledi.
Hüjräniň içinde bir Nazarly bardy. Ol saçak ýazyp, selälik üçin baryndan ony-muny taýýarlaşdyrdy.
– Halypam turdumy? – diýip, ol ýuwnup otyrka Nazarla habar gatdy.
– Turdam, dolanyp çykyp gitdem.
Magtymguly Nazarlynyň äheňine ünsem bermeli. Namazyny okap saçagyň başyna geçdi. Ep-esli garaşdylar, emma halypadan derek bolmady… Olar göwünsizlik bilen selälik edindiler. Soňam Nury Kazym halypanyň idegine çykdylar.
Töwerekleri, goňşy-golamlary idäp gelnenden soň, Magtymgulynyňam, Nazarlynyňam haly teňleşdi. Asyl Magtymgulynyň ýüregine ot düşen ýaly boldy. Ol halypanyň düşeginiň başujuna geçip oturdy. Soň bolsa ýüregine ýene-de howul düşüp, alada bilen ornundan galdy. Taryhy proza